# Ýer yranmasynda üç karikatura: kim dost, kim duşman!

Category: Kitapcy,Publisistika
написано kitapcy | 26 января, 2025
Ýer yranmasynda üç karikatura: kim dost, kim duşman! ÝER YRANMASYNDA ÜÇ KARIKATURA: KIM DOST, KIM DUŞMAN!




Türkiýede yzly-yzyna iki gezek güýçli ýer titredi. Heläkçiligiñ zyýany uly boldy. Alymlaryñ umumy pikiri: «Dünýäde bolup geçen iñ uly ýer titremelerinden…»
Tebigy hadysa garaşylşy ýaly, bütin dünýäniñ habar beriş serişdeleriniñ diline düşdi. Her kim özüçe habar berýär.
ABŞ-nyñ «gizlin parallel döwletiniñ» metbugat organlary, ABŞ-nyñ kontrolyndaky Günbatar habar beriş serişdeleri başymyza inen tebigy betbagtçylykdan peýdalanjak bolup çytraşýar. Olaryñ küýi-pikiri muny imperialistik bähbitleri üçin peýdalanmak.




- **GÜNBATARDA ÇAP EDILEN KARIKATURA**

Bet pygyllary karikaturalarda-da şekillendi.

Ýer yranmasynyň yzysüre… Günbatarda çap edilen karikatura. Ýazýan zatlaryna şaplaşyp duran surat. Has öň olar Hezreti Muhammet pygamberimize-de (s.a.w) dil uzadypdylar. Şindi ýürekleriniň garasyny ýene bir gezek äşgär etdiler.

«Charlie Hebdo» žurnaly Twitter hasabyndan paýlaşan karikaturasyny «Günüň suraty» yglan etdi. Rubrikasy «Türkiýede ýer sarsgyny». Ýumrulan binalar, agdarylyp ýatan awtoulaglar…

Suratyň üstüne-de şeýle ýazgyny goýdular: «Tank ugradyp oturmagyň hajaty galmady».



## • HYTAÝDA ÇAP EDILEN KARIKATURA

Bu karikatura hem Hytaýda çap edildi.
Suratda hytaýly halas ediş toparynyň işgäri bilen halkyň raýdaşlygy şekillendirilýär.
Çinli kurtarma ekibiyle halkın dayanışması, paylaşımı anlatılıyor. Ýüzünde-de şeýle ýazgy bar: «Galkyn Türkiýe, Hytaý ýanyňdadyr!»
Lapykeçlik däl, umyt berilýär.



## ÖZBEGİSTANDA ÇAP EDILEN KARIKATURA

Bu-da Özbegistanda çap edilen karikatura.
Ýer yranmasynda ýykylan Türkiýe. Orta Aziýanyň türk respublikalary ýardam edýär. Türkiýäni gaýtadan aýaga galdyrýarlar. Karikaturany tolgunman synlamak mümkin däl… Türkiýä hem güýç berýär, hem raýdaşlyk bildirýär…

## • KIM DOST, KIM DUŞMAN

Öňe saýlanan üç karikatura dünýädäki umumy hatarlanşygy görkezýär.
«Charlie Hebdo» žurnalynda çap edilen surat – ABŞ-nyň we amerikançy Ýewropanyň garaýşy.
Hytaýda we Özbegistanda çap edilen suratlar Aziýanyň – Türkiýäniň dostlarynyň duýgulary.
Başymysdan geçen betbagtlyk hakykaty ýene bir gezek aýan etdi. Dostumyzy, duşmanymyzy ýene bir gezek görkezdi. Bu hakykaty hemmeler görmeli. Türkiýäniň gelejegi üçin…!

Ismet ÖZÇELIK. Publisistika